# Türkmenistanyñ garaşsyzlygynyñ 16 ýyllyk barýramçylygyna!

## «İlkinji gezek hödürleýäris»

**(Biziñ arhywimizden)**

**Gadyrly okuwjy!**

**Türkmenistanyñ ýakyn taryhynda özünden gowy at galdyran, Türkmen halkynyñ bähbidini, öz şahsy bähbidinden ýokarda goýn bu belent metebeli ýnsanyñ at-abraýy elmydama iliñ ýüreginde, halkyñ añynda ýaşar.**

**Döwlet we Partiýa işgäri, taryh ylymlarynyñ doktory Şaja Batyrow tutalitar düzgünde önüp-ösüp ýetişenem bolsa, ol özüniñ wezipe başynda bolan wagtynda-da, doktorlyk dessertatsiýasynda-da, ylmy işlerinde-de, praktikda-da elmyda milli meseläni gozgap, Türkmenistanyñ erkin döwlet, Sowet soýuzuñ düzüminde beýleki respubliklary bilen doly deñ hukukly bolmagyny wagz edip geldipdir.**

**Hödürlenen bu makala syýasat meýdanynda hereket edip, at gezdirýän ýaşlarymyza nusga alarlyk, gowy görelde boljagyna ynanyarn. Sebäbi onda «milli mesele» barada öñe sürülýän teroriýalar henizem öz akuallygyny saklap gelýär. Bu esasan-da Eýranyñ we Owganystanyñ çäklerinde ýaşaýan ildeşlerimiziñ sýyasy durmuşynyñ gowlaşmagy ugrunda göreşýän ýigitlerimize pikir we idea taýdan goldaw bolar diýen umydymyz bar. «Milli mesele» barada ozal pars çeşmelerden öwrenip gelen bolsak, ony häzir öz ene dilimizde ýazylan bu makala üsti öwrenmäge, onuñ mazmunyna gowrak göz ýetirmäge synanşaýlyñ, bu bolsa makalanyñ ähmiýetini artdyrýar. Elbetde awtoryñ bu pikirleri bilen dörän häzirki şertler we täze garaýyşlar esasynda ylalaşmanam bolar, ýöne oña şol döwrüñ taryhy we sýyasy şertleri esasynda baha bermek adalatly bolarmyka diýýäris.**

**Biz şeýle-de görnükli şahsyýetimiz Şaja Batyryñ terjime halyny-da ýerleşdirdik.**

**Akmyrat Gürgenli**
**goliarne@yahoo.com**

**Türkemistanyñ Ylymlar Akademiýasynyñ Şaja Batyrow adyndaky Taryh inistitutynyñ Gündogry öwreniş bölüminiñ ozalky işgäri. Taryh ylymlaryñ kandidaty**



(3.10.1908 - 14.10.1965)

# Kommunistik Patiyanyñ Milli Mesele boýunça Teoriýasy we Programmasy

***Şaja Batyrow, taryh ylymlaryñ kandidaty***

Sosialistik rewolýusiýa hakyndaky, proletariýat diktaturasyny göreşip gazanmagyñ we kommunistik jemgyýet gurmagyñ ýollary hem-de şertleri hakyndaky umumy we esasy meseläniñ sostav(düzgün-AG) bölegi bolan milli mesele Sowet Soýuzynyñ Kommunistik partiýasynyñ bütin teoretiki hem prakpiki işinde iññän möhüm orny eýeläp geldi we geleýär.

Ylmy sosializmiñ beýik düýbüni tutujylar bolan Marks we Engels synpy göreşiñ taryhy prosesini hem-de tejribesini hemme taraplaýyn öwrenmek esasynda milli meseläni ilkinj bolup ylmy taýdan çözdüler. Olar milletleriñ ýüze çykyş we emele geliş prosesi feodalizmiñ dargaýan, kapitalizmiñ ösýan döwrüne degişlidir diýip, «Kommunistik partiýanyñ manifestinde» görkezdiler. Buržuaziýa önümçilik serişdelerine eýeçilik etmegi az sanly adamlaryñ eline toplap, önümçiligi merkezleşdirýärdi. Yktysady taýdan merkezleşdirişiñ netijesinde syýasy taýdan merkezleşdiriş hökmany suratda emele gelýärdi.

Marks we Engels ezilen halklaryñ azatlyk hem-de milli garaşsyzlyk ugrundaky göreşine möhüm ähmiýet bermek bilen, milli meselä işçiler synpynyñ taryhy wezipelerine tabyn mesele hökmünde garaýardylar. Şonuñ bilen birlikde olar milli meseläniñ we milli-azatlyk hereketiniñ ähmiýetine äsgermezlige we oña kembaha garamaklyga üzül-kesil garşy çykýardylar. Proletariýatyñ beýik serdarlary ezilen halklaryñ milli ezişe garşy bolan milli-azatlyk hereketini goldamaklygy işçiler synpyna öwredip, şunda beýleki halklary ezýän halkyñ azat bolup bilmejekdigini nygtap görkezipdiler. Kapitalizm mahalynda milli ezişiñ soñuna çykyp bolmaýandygyny, syýasy häkimiýeti göreşip gazanmak bilen, diñe proletariýatyñ sosial ezişi-de, milli ezişi-de ýok etjekdigini olar görkezipdiler.

Imperializm zamanynyñ emele getiren täzeliklerini hemme taraplaýyn analizläp, marksistik ylmy has-da öñe tarap döredijilikli ösdürmek bilen, V.I. Lenin marksizmiñ taryhynda ilkinji bolup Kommunistik partiýanyñ milli mesele boýunça programmasyny we syýasatyny teoretiki taýdan işläp düzdi, ol meseläni imperializmi ýykmk hakyndaky mesele bilen baglanyşdyrdy hem-de milli mesele proletariýat diktaturasy ugrunda işçiler synpynyñ alyp barýan umumy rewolýusiýon töresiniñ sostav bölegidir diýip nygtap görkezdi. Leniniñ akýagyzlar bilen garaýagyzlar arasyndaky, ýewropalylar bilen aziýalylar arasyndaky, imperializmiñ «medeniýetli» gullary bilen «medeniýetsiz» gullary arasyndaky diwary ýykdy we şeýlelik bilen, milli meseläni koloniýalar hakyndaky mesele bilen baglanyşdyrdy. Şunluk bilen-de, milli mesele hususy we döwletiñ içerki meselesi bolmagygadan aýrylyp, umumy we halkara meselesine, bakna ýurtlaryñ we koloniýalaryñ ezilen halklaryny imperializm zulmundan halas etmek hakyndaky dünýä meselesine öwrüldi diýip, I. V. Stalin aýdýar. Beýik Lenin halklaryñ deñ hukuklylygy we dostlugy syýasatynyñ ruhlandyrjysy hem-de şu syýasatyñ praktikada amala aşyrylmagynyñ ýolbaşçysy bolupdy. Leniniñ milli mesele boýunça programmalyk görkezmeleri I. V. Staliniñ eserlerinde, partiýaiyñ we Sowet hökümetiniñ kararlarynda mundan buýana-da döredijilikli ösdürildi. Ägirt uly köp milletli döwlet möçberinde partiýanyñ milli syýasatynyñ durmuşa geçrilmegi netijesinde asyrlar boýy dowam eden milli agzalalyk taryhda ilkinji gezek ýok edildi, ozalky ezilen halklaryñ yktysady hem-de medeni taýdan yza galaklygy ýeñilip geçildi, ähli milletler we halklar ýeke-täk doganlyk maşgalada jebisleşdirildi.

Kommunistik partiýanyñ milli syýasatnyñ yzygiderli suratda durmuşa geçirilmegi netijeinde SSSR halklarynyñ beýik dostlugy emele gelip, bu dostluk sowet jemgyýetiniñ hereketlendiriji kuwwatly güýjüne, sowet sosialistik döwletiniñ iññän möhüm esaslaryndan birine öwrüldi, doganlyk sowet respublikalarynyñ ähli üstünlikleriniñ esasy şerti boldy.

****

Kommunistik partiýanyñ milli mesele boýunça teoriýasyny we programmasyny işläp düzmegiñ köp milletli Russiýanyñ şertlerinde ägirt uly ähmiýeti bardy, çünki XIX—XX asyrlaryñ sepgidinde Russiýada örän beýik halk rewolýusiýasy bişişýärdi. Ýetip gelýän rewolosýanyñ üstünlik ezilen halklaryñ giñ zähmetkeşler köpçüliliniñ şu rewolýusiýa gatnaşmagyna ep-esli derejede baglydy. V. I. Lenin şeýle görkezipdi: «Sosial rewolýusiýa önde baryjy ýurtlarda proletariatyñ buržuaziýa garşy graždanlyk urşuny hem-de pes düşünjeli, yza galak we ezilen milletleriñ arasyndaky demokratik hem-de rewolýusiýon hereketleriñ, şol sanda milli-azatlyk herekegleriniñ-de ençemesini birleşdirýän zaman görnüşinde bolup biler, başgaça bolup bilmez» (Eserler, 23 tom, 48 sah.).

Zähmetkeşleriñ beýik serdary V. I. Lenin baryp «Halk dostlary» näme we olar sosial-demokratlara garşy nähili uruşýarlar?» (1894 ý.), «Sosial-demokratik partiýanyñ prorammasynyñ proýekti we düşündirilmesi» (1895 ý.) diýen eserlerinde işçiler synpynyñ rewolýusiýon guramasynyñ internasiýonallaýyn prinsipini marksistik suratda esaslandyrdy, işçileriñ daýhanlar bilen rewolýusion soýuz bolmak ideýasyny, ezilen halklaryñ zähmetkeşler köpçüligini rewolýusion rus proletariatynyñ töwöregine jebisleştdirmek ideýasyny tsarizmi, pomeşikleri(baýlar-AG) we buržuazijany ýykmagyñ esasy serişdesi hökmünde ilkinji gezek öñe sürdi.

V. I. Lenin RSDIP-niñ programmasynyñ proýektinde, «Ermeni sosial-demokartlarynyñ manifesti hakynda», «Biziñ propagandamyzda milli mesele» diýen makalalarynda hem-de partiýanyñ II gurultaýynyñ öñüsyrasynda ýazan beýleki makalalarynda biziñ partiýamyzyñ milli syýasatynyñ esasy meselelerini formulirledi. Leninçi «Iskra» tarapyndan taýýarlanyp, RSDIP-niñ II gurultaýynda kabul edilen rewolýusion programmada, beýleki iññän möhüm düzgünleriñ görkezilmegi bilen bir hatarda, aşakdaky ýaly talaplar ham görkezilýärdi: giñ ýerli samoupravlenie(özüñi dolandyrmak-AG); özüniñ aýratyn durmuş şertleri we ilatynyñ sostavy bilen tapawutlanýan ýerler üçin oblast samoupravlenieýasniñ bolmagy; sosloviýeleriñ ýok edilmegi hem-de aýal-erkekdigine, dinine, jynsyna we milletine garamazdan, ähli graždanlaryñ doly deñ hukuklylygy; döwletiñ hem-de samoupravleniýe organlarynyñ hasabyna zerur bolan mekdepleri döretmek arkaly, ilatyñ öz ene dilinde bilim almak hukugynyñ üpjün edilmegi; her bir graždanyñ ýyganaklarda ene dilinde sözlemek hukugy; ýerli jemgyýetçilik we döwlet edaralarynyñ hemmesinde döwlet dili bilen bir hatarda ene diliniñ hem girizilmegi, döwletiñ sostavyna girýän ähli milletlere öz ykbalyny kesgitlemek hukugynyn berilmegi, 1906—1907-nji ýyllaryñ rus rewolýusýasy milli meseläniñ rewolýusiýa üçin ägirt uly ähmiýetlidigani örän açyk edip görkezdi. Partiýa guramalaryny proletar internasionalizmi prinsipi esasynda, ähli milletleriñ we halklaryñ işçiler synpynyñ synpy göreşiniñ bir bitewiligi esasynda gurmaklygyñ zerurdygyny rewolýusiýanyñ praktikasy tassyklady.

1905—1907-nji ýyllarda Kawkazda, Ukrainada, Türküstanda, Belorussiýada, Gazagystanda, Polşada, Pribaltikada we beýleki milli raýonlarda giñden ýaýbañlanan milli-azatlyk hereketi proletariýatyñ kuwwatly rewolýusion hereketine goşulýardy, onuñ gegemonlygy(täsiri, güýj-AG) astynda ösýärdi. Milli eziş sosial taýdan ezişiñ sostav bölegidir. Bu eziş diñe bir patyşa samoderžeaviesine (häkimiýet-AG) garşy däl, eýsem halys gul edilen halklaryñ ekspluatator(eziji-AG) synplaryna garşy-da zähmetkeşiler köpçülişniñ rewolýusion çykyşlar etmegine gutulgysyz sebäp bolýardy.

Stolypin reaksiýasy ýyllarynda hem-de tsarizmiñ barha ösýän rewolýusion hereketi basyp ýatyrmaga, şowinistik propaganda arkaly köpçüligi urşa taýýarlamaga çalyşýan mahaly bolan birinji jahan urşuñ öñüsyrasynda milli mesele aýratyn-da möhüm ähmiýete eýe boldy. II Internasionalyñ opportunistleri we Russiýada olaryñ yzyna eýerijiler bolan bundçular, Kawkaz likvidatorlary(werşikest-AG), menşevikler «sosialistik» vyveska bilen perdelenip, milli meselede antimarksistik liniýa ýöredýärdiler. Milletçiligiñ tolkuny işçiler köpçüligini özüne çekmek wehimini salýardy.

Patyşa hökümetiniñ milli agzalalyga meçew bermekden, bir halky beýleki halkyñ üstüne küşgürmekden, saýlaw hukuklaryndan mahrum etmekden, ene dilini gysmakdan, az Milletleriñ mekdeplerini kemeltmekden we beýleki repressiýalardan (basyş-AG) ybarat bolan halka garşy syýasaty diñe bir işçileriñ ruhy güýçleriniñ ösmegini bökdemek bilen durman, eýsem milli çetlerdäki zähmetkeşleriñ giñ gatlaklarynyñ ünsüni sosial meselelerden milli meselelere tarap hem sowýardy.

Elbetde, buržuaz milletçiligiñ özi tsarizmiñ repressiv syýasatyna garşy diñe jogap reaksiýasy däldi, eýsem ol esasan-da milli buržuaziýanyñ yktysady we syýasy bähbitlerinden gelip çygkýardy. Belli boluşy ýaly, milli buržuaziýa üçin esasy mesele bazar meselesidir. Ol buržuaziýa özüniñ harytlaryny satmaga hem-de öz konkurentlerin-den (bäsdeşlerinden-AG) üstün çykmaga her hili ýollar bilen çalyşýardy. «Bazar–buržuaziýanyñ milletçiligi öwrenýän birinji mekdebidir» diýip I.V. Stalin «Marksizm we milli mesele» diýen işinde görkezipdi.

Milletçiligiñ ösmegine halkara ýagdaýyda ýardam berýärdi. Jahan urşunyñ howpy açyk wehim salýardy. Ähli ýurtlaryñ buržuaziýasy köpçüligiñ arasynda şowinizmi tutaşdyrýardy. Milletçilik we şowinizm talañçylykly, imperialistik urşy ideologik taýdan taýýarlamakda iññän möhüm serişdeleriñ biri boldy. II Internasionalyñ opportunistik partiýalary şu işde buržuaziýa kömek berýärdiler, olar imperialistleriñ basybalyjylykly syýasatyny delile getirmek ýoluna düşüp, Ýewropanyñ ähli ýurtlarynda zähmetkeşleriñ arasynda şowinistik zäheri ýaýradýardylar. II Internasionalyñ opportunistleri we sosial-şowinistleri «medeni-milli awtonomiýa» diýen buržuaz-milletçilikli programmany propagandirläp ugradylar. Şu betnam programma II Internasionalyñ ähli opportunistik partiýalary üçin milli programma boldy.

Şol döwürde milletçilige we sosial-opportunizme garşy göreş rewolýusion sosial-demokratiýanyñ «iññän möhüm» wezipesi hökmünde öñe sürülýärdi. Kommunistik partiýanyñ öñünde buržuaz milletçilik ideologiýasyna üzül-kesil gaýtawul bermek hem-de partyýanyñ milli mesele boýunça marksistik teoriýasyny we programmasyny işläp düzmek wezipesi durýardy.

V. I. Leniniñ we I. V. Staliniñ baştutanlygynda bolşevikler şol taryhy wezipäni ýerine ýetirdiler. II Internasionalyñ opportunistleriniñ-sosial-şowinistleriniñ hem-de olaryñ Russiýadaky ideýa soýuzdaşlarynyñ—menşevikleriñ, troskiçileriñ, bundçularyñ we dürli görnüşdäki milletçileriñ antimarksistik garaýyşlary partiýanyñ kararlarynda, V. I. Leniniñ («Milli mesele boýunça tankydy bellikler», «Milletleriñ öz ykbalyny kesgitlemek hukugy hakynda» we ençeme başgalarynda) hem-de I. V. Staliniñ («Marksizim we milli mesele» diýen eserinde) birentek ajaýyp eserlerinde rehimsiz tankyt edildi. Bu eserlerde milli mesele boýunça marksistik programma teoretiki taýdan esaslandyryldy we ondan beýläk-de has ösdürildi, halklaryñ dostlugy we deñ hukuklylygy ideologiýasynyñ baýdagy astynda işçiler synpyny hem-de zähmetkeşlar köpçüligini internasionallaýyn jebisleşdirmegiñ bolşevistik prinsipleri düşündirildi, milli meseläni çözmegiñ ýollary görkezildi.

Reaksiýanyñ möwç urýan şertlerinde-de Kommunmetik partiýa V. I. Leniniñ baştutanlygynda rewolýusion işi dowam etdiripdi, zähmetkeşler köpçüliginiñ arasynda milletçiligi ýaýratjak bolup edilýän her hili synanyşyklara garşy aýgytly göreşýärdi, şol köpçüligi proletar internasionalizmi ruhunda terbiýeleýärdi, internasionallaýyn bitewilik esasynda rewolýusion güýçleri tsarizme garşy täzeden hüjüm etmek üçin toplaýardy. Kommunistik partiýa birinji rus rewolýusiýasy ýeñilenden soñ, proletariaty ýaragsyzlandyrmaga, onuñ rewolýusion, marksistik partiýasyny ýok etmäge çalyşan likvidatorlara, troskiçilere we beýleki opportunistlere garşy ýadawsyz göreşipdi. Proletariatyñ ýeke-täk, rewolýusion, synpy guramasy bolan bolşevikleriñ söweşjeñ partiýasy tsarizmden we buržuazijadan üstün çykmagyñ iññän möhüm şertidir diýip, V. I. Lenin hasap edýärdi. Işçiler synpynyñ rewolýusion partiýasy ezilen halklaryñ zähmetkeşler köpçüligi rus rewolýusion proletariatynyñ töwereginde guramalydy, proletarýatyñ ýolbaşçy rolunyñ bolmagynda işçiler synpynyñ daýhanlar bilen soýuzyny döretmelidi, mäkämleşdirmelidi we giñeltmelidi. Munuñ özi proletarnat diktaturasy ugrundaky ýeñişli göreşiñ has möhüm şertidi.

Işçileri internasionallaýyn jebisleşdirmek partiýanyñ milli mesele boýunça programmasynyñ iñ easasy talaplarynyñ biri boldy. Bu mesele partiýanyñ II, III, IV we V gurultaýlarynda, 1912—1913-nji ýyllarda RSDIP MK-nyñ Krakowda we Poroninoda partiýa işgärleri bilen bolan maslahatlarynada, 1917-nji ýylda bolşevikleriñ Aprel konferensiýasynda ol ýa başga formada garalyp gelindi. Bolşevikler şunda proletar internadionalizmiñ zähmetkeşleriñ halkara raýdaşlygyny aýgytly suratda gorap saklaýardylar, buržuaz milletçiligiñ we şowinizmiñ ähli ýüze çykmalaryna garşy yzygiderli göreş alyp barýardylar.

Her hili milletçilik işçileriñ arasynda örän güýçli azdyryşy döredýär, azatlyk işine we proletariatyñ synpy göreş işine örän uly zyýan ýetirýär diýip, V. I. Lenin hem-de onuñ

egindeşleri öwran-öwran görkezipdiler. Partiýa özüniñ milli syýasatynda, bir tarapdan jemgyýetçilik we döwlet durmuşynyñ ähli pudaklarynda milletleriñ has doly deñ hukukly bolmagyny, beýleki tarapdan, ähli halklaryñ proletarlarynyñ ähli zähmetkeşleriniñ inñän ysnyşykly, pozulmaz synpy soýuzynyñ bolmagyny göz öñünde tutmalydyr diýip, V. I. Lenin ýadawsyz düşündirýärdi.

Sosialistik rewolýusiýa we proletariat diktaturasy hakyndaky taglymaty döredip, marksizmiñ-leninizmiñ klassyklary, şonuñ bilen birlikde işçiler synpyna organiki taýdan mahsus we ägirt uly rewolýusion ähmiýeti bolan proletar internasionalizmi ideýasyny hem işläp düzdüler. Proletar internasioializmi prinsipleri imperializm we proletar rewolýusiýasy zamanynda proletarýat diktaturasynyñ gutarnykly teoriýasyny döreden V. I. Lenin tarapyndan bütin çuñlugy bilen işlenip düzüldi.

Imperializmi ýykmak ugrundaky, buržuaz jemgyýeti kommunistik jemgyýete rewolýusion ýol bilen öwürmek ugrundaky göreşde ähli ýurtlaryñ dürli milletleriñ doganlyk soýuz hem-de rewolýusion hyzmatdaşlygy ideýasy proletar internasiaonalizminiñ esasydyr diýip, marksizm-leninizm öwredýär.

Proletar internasionalizmi ähli milletleriñ işçiler synpynyñ düýpli synpy bähbitleriniñ we rewolýusoni wezipeleriniñ biridigini añladýar hem-de ähli milletleriñ we halklaryñ deñ hukuklylygy gürrüñsiz ykrar etmekden ugur alýar. Munuñ tersine, buržuaw milletçilik her milletiñ işinde proletariat bilen buržuaziýanyñ arasynda synpy soýuzyñ bolmagyny undeýär hem-de her dürli milletleriñ işçilerini we zähmetkeşlerini biri-birinden bölüp aýyrmaga, halklaryñ arasynda milli agzalalygy we duşmançylygy tutaşdyrmaga, güýçlendirmäge, şonuñ bilen hem işçileriñ ysgynyny gaçyrmaga, kapitaly pugtalamaga çalyşýar. Diýmek, buržuaz milletçiligiñ ähli görnüşlerine we ýüze çykyşlaryna garşy aýgytly göreşmek proletar internasionalizminiñ hökmany talapydyr.

Proletariat we onuñ avangardy(öñde baryjysy-AG) Kommunistik partiýa proletar internasionalizmini ýaýradyjydyr hem-de ruhlandyryjydyr.

Bütin ylmy sosializme organiki mahsus bolan proletar internasionalizmi ideýalary Kommunistik partiýaiyñ milli mesele we milli gatnaşyklar baradaky syýasatynyñ esasynda durýar.

Proletar internasionalizmi prinsipi milli meseläni hakyky çözmekde ýalñyz dogry prinsipdir, sebäbi ekspluatator synplaryyñ häkimiýetini rewolýusion ýol bilen ýykmak ugrunda, proletariat diktaturasyny berkarar etmek we sosialistik hem-de kommunistik jemgyýet gurmak ugrunda göreşmek üçin ähli halklaryñ işçileriniñ, zähmetkeşleriniñ jebislenmegine mümkinçilik berýän prinsip diñe şol prinsipdir. Kommunistik partiýa dürli milletleriñ

işçilerini internasionallaýyn jebisleşdirmgak prinsipini milli meseläni üstünlikli çözmegiñ zerur serişdesi diýip hasap edipdidi we hasap edilýär.

Millçilik bi1en, hatda ol örän bir «arassaja», inçe we sivilizlenen milletçilik bolsa-da, marksizm onuñ bilen barlyşyp bilmez, marksizm her hili milletçililiñ ýerine interiasionalizmi, zähmetkeşleriñ synpy jebisleşigini, halklaryñ agzybirligini we deñ hukuklylygyny öñe sürýär diýip, V. I. Lenin telim gezek nygtap görkezipdi.

Imperialistler we olaryñ hyzmatkärleri proletar internasionalizmi pozisiýasynda durýandyklary üçin, diñe şunuñ üçin, bolşevikleri biwatanlykda, milli guwançsyzlykda aýyplamaga synanyşypdylar. V. I. Lenin 1914-nji ýylda özüniñ «Velikoroslaryñ (beýik ruslar-AG) milli guwanjy hakynda» diýen meşhur makalasynda duşmanlaryñ betniýetli töhmetini paş edip, şeýle ýazypdy:

«Düşünjeli velikorus proletarlary bolan bize milli guwanç duýgusy ýatmydyr? Elbetde, ýat däldir! Biz öz dilimizi we öz watanymyzy söýýäris, biz onuñ zähmetkeşler, köpçüligini (ýagny onuñ ilatynyñ 9/10-syny) demokratlaryñ we sosialistleriñ düşünjeli ýaşaýşynyñ derejesine çenli götermek üçin hemme zatdan köp işleýäris. Biziñ ajaýyp watanymyzy patyşa jellatlarynyñ, dvorýanlaryñ(dildüwşik) we kapitalistleriñ nähili zorluklara, ezişe hem-de masgaralamaklyga sezewar edýändiklerini görmeklik we duýmaklyk biziñ ýüregimizi hemme zatdan beter awadýar. Şu zorluklaryñ biziñ aramyzdan, velikoruslaryñ arasyndan bolanlaryñ gaýtawul bermeklerine sebäp bolandyklaryna, Radişeviñ, dekabristleriñ, 70-nji ýyllardaky raznoçines rewolýusionerleriñ şu sredada(atmosferada) emele gelendiklerine, velikorus işçiler synpynyñ 1905-nji ýylda köpçüligiñ kuwwatly rewolýusion partiýasyny döredendigine, şol wagtyñ özünde velikorus mužiginiñ demokrat bolmaga başlandygyna, popy(ruhany) we pomeştigi(baý) ýykmaga başlandygyna biz guwanýarys» (Eserler, 21 tom, 85 sah.)

Interiasional wezipeleri birinji orna çykarmak bilen, bolşevikler işçiler synpyny we zahmetkeş halkyñ giñ köpçüligini dünýä kapitalizmine garşy göreşde özleriniñ halkara borçlaryny dogry özleşdirmekleri ruhunda terbiýeleýärdi, diñe ähli ýurtlaryñ proletariatynyñ bilelikdäki göreşi bütindünýä kaptalizmini ýok edip biler hem-de halklary kommunistik jemgyýetiñ doly derejede dabaralanmagyna getirip biler diýip, olar ýadawsyz propagandirleýärdiler.

***

Kommunistik partiýanyñ milli mesele boýuça teoriýasy we programmasy milletçiligiñ hem-de kosmopolitizmiñ reaksiýa-buržuaz ideologiýasyna garşy, işçiler hereketindäki milli mesele boýunça antimarksistik teoriýalara garşy gazaply göreşde döredi. Russiýada menşevikleriñ,

SR-leriñ Bunduñ hem-de II Internasionalyñ baştutanlarynyñ, erjellik bilen propagandirlän kosmopolitizminiñ we milletçiligiñ ähli görnüşlerine leninizm berk zarba urdy.

Belli boluşy ýaly, II Internasionalyñ ideologlary, Awstriýanyñ ýalan sosialistleri O. Bauer, K.Renñer we başgalary marksistik takallara perdelenip, milli meseläni çözmegiñ buržuaz milletçilik, reaksiýon-reformistik programmasyny öñe sürýärdiler, bu programma bolsa «medeni-milli awtonomiýa» diýilip at berilipdi. Bu programmanyñ ideýa easasy millet hakyndaky idealistik we metafiznki teoriýadyr. Ol «milli medeniýet» diýen buržuaz şygar esasynda gurulypdy hem-de kapitalistik gurulyşy saklamaklyga we Awestriýanyñ şertlerinde ekspluatatorlaryñ agalygyny ebedileştdirmeklige gönükdirilipdi.

V. I. Lenin şeýle (görkezipdi: «Bu programmanyñ esasy, prinsipial aýby onuñ iñ inçeldilen we iñ absolýut, ahyryna çenli ýetirilen milletçiligi durmuşa geçirmäge çalyşýanlygydyr. Bu programmanyñ düýp manysy şundan ybarat: her bir graždan ol ýa-da başga millete ýazylýar, her bir millet bolsa öz çlenlerine mejbur salgyt salmaga hukukly bolan, milli parlamentleri (seýmleri) bolan ýuridiki bitewiligi düzýär...» (Eserler, 20 tom, 17 sah.).

Bolşevikler «medeni-milli awtokomiýa» şygaryna garşy üzül-kesil göreş alyp barýardylar. Buržuaz milletçiligiñ reaksion ideologiýasyny paş edip we çym-pytrak edip, bolşevikler şonuñ bilen hem Russiýada tsarizme we kapitalizme garşy göreşe işçileri hem-de zähmetkeşleriñ beýleki gatlaklarygay mobilizlemek(herekete geçirmek-AG) üçin ýol arçadylar.

Bolşevikler partiýasy marksizmiñ-leninizmiñ rewolýusion taglymatyny goldanmak bilen, mesele bojunça marksistik-leninşilik teoriýany we programmany işläp düzdi hem-de olary praktiki taýdan amala aşyrdy. Leninizm millet düşünjesiniñ düýp mazmunyny aýan etdi we milletiñ özi taýpa hem-de jyns kategoriýasy bolman, eýsem belli bir zamanda ýüze çykan taryhy kategoriýadyr dijip, ylmy taýdan subut etdi. Feodalçylyk gatnaşyklaryñ rewolýusion ýol bilen ýumrulyş hem-de kapitalizmiñ ösüş prosesinde, feodalçylyk-knýazlyk(şahzada-AG) dagynyklygyñ ýok ediliş we kapitalistik yktysady aragatnaşyklaryñ dörediliş prosesinde buržuaz milletler konsolidasiýalaşdy hem ösdi. Buržuaz milletler jemgyýetçilik ösüşiniñ kapitalistik zamanynyñ gutulgysyz önümidir diýip, V. I. Lenin «Karl Marks» diýen makalasynda görkezipdi.

**Millet diliñ, territoriýanyñ, yktysady durmuşyñ we medeniýet umumylygynda ýüze çykýan psihiki düzülişiñ umumylygy esasynda adamlaryñ taryhy suratda emele gelen durnukly umumylygydyr** diýip, marksizm-leninizm öwredýär. Milletiñ I. V. Staliniñ «Marksizm we milli mesele» diýen eserinde formulirlenen şu marksistik kesgitlenmesi II

Internasionalyñ opportunistleriniñ milli mesele baradaky antimarksistik garaýyşlaryna ýok ediji zarp urdy.

Millet hakyndaky marksistik-leninistik teoriýa Kommunistik partiýanyñ milli mesele boýunça syýasatynyñ teoretiki esasy boldy. Ol teoriýa diñe bir milletleriñ emele geliş we ösüş prosesine düşünmäge mümkinçilik bermek bilen durman, eýsem buržuaz hem-de sosial-demokratik «teoretikleriñ» millete hemişelik kategoriýa hökmünde garap, milletleri «medeniýetli millete» we «medeniýetsiz millete» bölmek synanyşyklarynyñ hemmesiniñ düýbünden biderekdigini-de ynandyryjylyk bilen görkezýär. Ol teoriýa milli meselede rewolýusion marksistik partiýanyñ yzygiderli-internasionalistik syýasatyny kesgitlemekde ägirt uly ähmiýete eýedir, ol teoriýa milli hereketleriñ taryhyna we olaryñ häsiýetine dogry düşünmäge mümkinçilik berýär.

Marksizm-lekinizm milli hereketleriñ ýüze çykyş taryhygna-da materialistik pozisiýadan garaýar. Milletleriñ özi ýaly, milli hereket-de önümçiligiñ kapitalistik usulynyñ ösmegi esasynda ýüze çykdy.

V. I. Lenin şeýle ýazýar: «Bütin dünýäde kapitalizmiñ feodalizmden gutarnykly üstün çykan zamany milli hereketler bilen baglanyşyklydy. Bu hereketleriñ yktysady esasy haryt önümçiliginiñ doly suratda üstün çykmagy üçin buržuaziýanyñ içerki bazary göreşip gazanmagynyñ zerurdygyndan, bir dilde gepleşýän ilatly territoriýalary döwlet taýdan jebisleşdirip, şol diliñ ösmegine we onuñ edebiýatda berkidilmegine zyýan berýän her hili päsgelçilikleri aradan aýyrmagyñ zerurdygyndan ybaratdyr» (Eserler, 20 tom, 368 sah.).

Belli boluşy ýaly, feodalizmiñ ýok ediliş we kapitalizmiñ ösüş prosesi bir taryhy şertlerde milli döwletleriñ döremegine, beýleki bir taryhy şertlerde köp milletli döwletleriñ döremegine getirdi. Meselem, Ýewropanyñ günbatarynda iñlis milleti we iñlis milli döwleti döredi, fransuz, italýan, golland(Holland) milletleri hem-de şolara laýyklykda milli buržuaz döwletler döredi. Bu ýerde Angliýanyñ zulmunyñ astyna düşen irland halky millet bolup bilmän galypdy.

Ýewropanyñ gündogarynda, munuñ tersine, merkezleşdirilen berk döwletleriñ döremegi goranmak islegleri zerarly tizleşdirilmek bilen, baryp feodalizm mahalynda, diýmek, milletleriñ döremeginde hem ozal bolup geçdi, sebäbi bu ýerde kapitalizmiñ ösmegi soñrak başlandy. Şeýlelik bilen, bu ýerde, meselem, Russiýada, Awstriýa-Wengriýada, köp milletli döwletler emele gelip, bu döwletleriñ başyna has güýçli, yktysady we syýasy taýdan ösen halklaryñ agalyk ediji synplary geçdi.

Ýewropanyñ gündogarynyñ köp milletli döwletleri monopoliýadan ozalky kapitalizm döwründe milli ezişiñ hem-de milli hereketleriñ ilki başlangyç meýdany boldy. Imperializm

zamanynda köne milli buržuaz döwletler—Angliýa, Fransiýa, ABŞ we beýlekiler täze territoriýalary basyp almaklarynyñ netijesinde köp milletli, kolonial döwletlere öwrüldiler hem-de has köp derejede milli ezişiñ meýdany boldular. Koloniýalaryñ we garaşly ýurtlaryñ köp sanly halklaryny imperialistik ýyrtyjylaryñ rehimsiz ekspluatirlemeşi hem-de ezmegi milli-azatlyk hereketiniñ biçak ösmegine sebäp boldy. Halklaryñ milli garaşsyzlyk ugrunda ikinji jahan urşundan soñ ýaýbañlanan göreşiniñ ägirt uly gerimi munuñ aýdyñ şaýadydyr.

Milli mesele sosial ýagdaý, arkaly, ýurtdaky häkimiýetiñ häsiýeti arkaly, jemgyýetçilik ösüşin bütin gidişi arkaly kesgitlenýär diýip, leninizm öwredýär. Patyşa Russiýasy şertlerinde Kommunistik partiýa milli meselä buržuaz-demokratik rewolýusiýanyñ sosialistik rewolýutsiýa ösüp geçmegi hakyndaky mesele bilen, proletariatyñ daýhanlara ýolbaşçylyk etmegi hakyndaky, ýagny işçiler synpynyñ daýhanlar bilen, hususan-da, milli çetlerdäki daýhanlar bilen soýuzy hakyndaky mesele bilen aýrylmaz baglanşykly suratda garaýardy. Şu mynasybetli Kommunistik partiýa milletleriñ tä döwlet bolup bölünip aýrymaklyga çenli öz ykbalyni kesgitlemek hukugyny yzygiderli talap edýärdi.

Milletleriñ öz ykbalyny kesgitlemek hukugy hakyndaky şygar Kommunistik partiýanyñ milli mesele boýunça programmasynyñ we syýasatynyñ düýp meselesidir. Bu şygar partiýanyñ milli syýasatynyñ easasy meselelerini öz içine alýar, şol meseleler bolsa gul edilen halklary rewolýusion ýol bilen azatlyga çykarmak, olaryñ arasynda birek-birege ynanmazlygy ýeñip geçip, soñra proletearíat diktaturasy easasynda olary meýletin, deñ hukukly, doganlyk döwlet soýuzyna birleşdirmek hakyndaky meselelerdir. Meýletin we deñ hukukly birleşmek üçin milletleriñ döwlet bolup bölünip aýrylmak hukugy—Kommunistik partiýanyñ milli mesele baradaky düýp talapynyñ esasy ideýasy ine şejledir.

Milletleriñ öz ykbalyny kesgitlemeginiñ leninçilik prinsipine bundçular we olaryñ menşevik-troskiçi soýuzdaşlary, ukrain hem-de Zakawkaze milletçileri, likvidatorlar, polýak sosial-demokratisýsynyñ hataryndan bolan opportunistler we başgalar bir fronta jemlenip garşy çykdylar. Olar rewolýusiýada proletariatyñ gegemoiniýasyna(hežmony) şonuñ biln birlikde milli-azatlyk hereketlerinde hem proletariatyñ gegemoniýasyna garşydylar. Bolşevikler partiýasynyñ milletleriñ öz ykbalyny çözmek hukugy hakyndaky şygaryna garşy çykyp, işçiler synpynyñ duşmanlary bu şyşaryñ amala aşyrylmagy milletleriñ birleşdirilmegine däl-de, olryñ bölüşdirilmegine getirer, döwletiñ bir bitewiligini däl-de, onuñ sostav böleklere dargamagyny üpjün eder we ş. m. diýip subut etmäge synanyşýardylar.

Milletleriñ tä döwlet bolup bölünip aýrylmaklyga çenli öz ykbalyny kesgitlemek hukugy hakynda partiýanyñ programmalyk düzgünini gorap saklamak bilen, bolşevikler hojalyk taýdan ownatmaklygyñ we ownuk döwletleriñ emele gelmeginiñ tarapdary däldilñr. Olar

milletleri bölmäge däl-de, olary birleşdirmäge çalyşýardylar. Ýurduñ aýry-aýry ownuk döwletlere dargamagy ugrunda däl-de, doly meýletinlik hem-de halklaryñ özara ylalaşygy easasynda köp milletli ýeke-täk berk döwlet döretmek ugrunda çalyşýardylar. Şunuñ bilen birlikde Kommunistik partiýa diñe ekspluatatorlaryñ–pomeştikleriñ hem kapitalistleriñ häkimiýetiniñ rewolýusion ýol bilen ýykylmagy netijesinde, sosializm, sosialistik demokratiýa esasynda halklaryñ hakyky deñ hukuklylygy we mäkäm birleşmegi mümkindir diýip, işçiler synpyna we biziñ ýurdumyzyñ ähli zäkmetkeşlerine elmydama öwredýärdi.

Proletariat öz avangardynyñ–bolşevikler partiýasynyñ ýolbaşçylygy astynda halklary meýletin birleşmeklige hem-de ezilen we yza galan halklara yktysady hem medeni taýdan doganlyk kömegini bermegi guramak arkaly dostlukly hyzmatdaşlyk etmeklige getirer diýip, beýik Lenin görkezýärdi. «Buržuaziýanyñ zulmundan boşaýan zähmetkeşler köpçüligi uly we öñde baryjy milletler bilen şol «medeni kömek» üçin soýuz bolmaga hem-de birleşmäge bar güýçleri bilen gider, uzak wagtlap ezilen milletiñ ýokary derejede ösen demokratik öz-özüñi hormatlamak duýgusyna düýnki ezijiler dil ýetirmese bolýar, ýöne ähli baralarda, şol sanda döwlet gurulyşygynda-da, «öz» döwletini guramak tejribesinde-de oña deñlik berilse bolýar» (Eserler, 22 tom, 324 sah.).

V. I. Leniniñ geniallyk(nebug, gaty huşlay) bilen öñünden görüp aýdan şu zatlary Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan we proletariat diktaturasy berkarar edilenden soñ, köp milletli Sovet döwletini gurmagyñ tejribesinde bütinleý tassyklandy. Ozalky buržuaz Russiýanyñ ähli halklary beýik rus halkynyñ baştutanlygynda ýeke-täk soýuz döwlete meýletin birleşdiler. Rewolýusion hereketiñ basylyp ýatyrylmagynyñ netijesinde, halkara imperializminiñ zor salmagy astynda diñe Finlýandiýa, Litva, Estoniýa we Latviýa bölünip aýryldylar. Buržuaz gurulşy agdaranlaryndan soñ Litva, Estoniýa we Latvija 1940-njy ýylda özbaşdak sowet sosialistik respublikalary hukugynda Sovet Soýuzynyñ sostavyna meýletin girdider.

Milletleriñ tä bölünip aýrylmaklyga çenli öz ykbalyny kesgitlemek hukugy hakyndaky talapy gorap saklamak bilen milli mesele boýunça bolşvistik programma ýeke-täk köp milletli döwletiñ sostavyndaky halklaryñ döwlet gurulyşynyñ formasy hökmünde oblast avtonomiýasy hakyndahy talapy hem göz öñünde tutýardy. Kommunnstik partiýa oblast territorial avtonomiýa–köp milletli döwlet ramkalarynda milli meseläniñ has demokratik çözülmegidir diýilp hasap edýärdi.

Bolşeviklerin oblast avtonomiýaoy Awstriýa sosial-demokratlarynyñ «medeni-milli avtonomiýasyndan» bütinleý tapawutlydy.

I. V. Stalin oblast avtonomiýasynyñ artykmaçlyklaryny häsýetlendirip, şeýle düşündiripdi: birinjiden, şol avtonomiýa mahalynda belli bir territoriýada ýaşaýan belli bir ilat bilen iş salyşmaly bolýar; ikinjiden, ol avtonomiýa adamlary milletine görä bölmeýär, milli germewleri berkleşdirmeýär, gaýtam tersine, şu germewleri ýok edýär hem-de başga tüýsli aýrylyşmaga, synplar boýunşa aýrylyşmaga ýol açmak üçin, ilaty birleşdirýär; üçünjiden, ol avtonomiýa umumy merkeze garaşyp durman, şol oblastyñ tebigy baýlyklaryndan has gowy peýdalanmaklyga we önduriji güýçleri ösdürmeklige mümkinçilik berýär,—milli medeni awtonomiýa üçin mahsus bolmadyk funksiýalary berýar.

Oktýabrdan ozalky döwürde biziñ partiýamyz özüniñ milli programmsyna federatiw döwlet gurluşy hakyndaky talapy girizmändi. Belli boluşy ýaly, V. I. Lenin özüniñ eserlerinde, hususan-da Şaumýan’a ýazan hatynda we «Milli mesele boýunça tankydy bellikler» diýen 1913-nji ýyldaky işinde federasiýanyñ milli meseläni çözmegiñ umumy esasy ediliip goýulmagyna garşy çykypdy. V. I. Lenin hem-de beýleki marksistler kapitalizm esasyndaky federasiýa ideýasyna umuman otrisatel(negativ) garaýardylar, çünki federasiýa formasyndaky buržuaz döwletiñ milli meseläni çözüp bilmejekdigi-hä beýlede dursun, eýsem ol öz öñünde şeýle meseläni goýmandy hem.

Oktýabrdan ozalky döwürde Kommunistik partiýa federasiýany ret edip, oblast avtonomiýasyny öñe sürmek bilen, ýakynda boljak proletar rewolýusiýasynyñ düýpli wezipelerinden ugur alypdy, çünki milli meseläni diñe şol rewolýusiýa hakyky çözüp biljekdi. Şu mynasybetli, partiýa milli mesele barnynda köp milletli ýeke-täk döwletiñ sostavynda galmak islemeýän halklara bölünip aýrylmak hukugyny bermeklşp hem-de aýratyn milli sostavy bilen tapawutlanyp, ýeke-täk bitewiligiñ ramkalarynnda galýan oblastlara şu döwletiñ ramkalarynda syýasy taýdan avtonomiýa bolmak hukugyny bermekligi jar etdi.

Leninizm kapitalizmde milli kolonial zulmuñ ýüze çykmagynyñ sebäplerini, horluk çekýän halklaryñ daşary ýurt ezijilerine, «watandaş» ezijilere garşy göreşiniñ taryhy taýdan gutulgysyzdygyny bütin çuñlugy bilen aýan etdi.

V. I. Lenin 1913-nji ýylda şeýle görkezipdi: «Ösüp barýan kapitalizm, milli meselede iki sany taryhy tendensiýany bilýär. Birinjisi: milli durmuşy we milli hereketleri oýandyrmak, her hili milli ezişe garşy göreşmek, milli döwletleri döretmek tendensiýasy. Ikinjisi: milletleriñ arasyndaky her hili gatnaşyklary ösdürmek, milli germewleri ýok etmek, kapitalyñ, umuman yktysady durmuşyñ, syýasatyñ, ylmyñ we ş.m.-leriñ internasional bir bitewililiga döretmek tendensiýasy» (Eserler, 20 tom, 11 sah.).

Kapitalizmiñ milli meselede biri-birine gapma-garşy iki tendensiýasy hakyndaky leninçilik düzgün partiýanyñ XII gurultaýynyñ kararlarynda aýdyñ beýan edildi, şol kararlarda bolsa

önümçiligiñ kapitalistik usulynyñ ösmegi milli aýry-başgalaşygy ýok etmek, halklary hojalyk taýdan biri-birine ýakynlaşdymak we ägirt köp milli territoriýalary kem-kemden birleşdirmek tendensiýany gutulgysyz suratda döretdi diýilip görkezilýär. Şol proses öndüriji güýçleriñ uçursyz kän ösendigini añladandygy sebäpli, milli aýrybaşgalaşygy ýok etmegi añsatlaşdyrandygy sebäpli, ol progressiv proses bolupdy we bolup hem galýär, çunki ol geljekki düñýä sosialistik hojalygynyñ maddy taýdan predposylkalaryny taýýarlaýar diýilip, soñra şol kararda görkezilýär.

Emma welin, kapitalizmde dürli milletleriñ we halklaryñ hojalyk taýdan biri-birine ýakynlaşmagyna bolan şu progressiv tendensiýa, sosializmde bolup geçişi ýaly deñ hukukly halklaryñ meýletin hyzmatdaşlyk etmekleri tertibinde bolmaýar, eýsem bir milletiñ beýleki milleti gul etmegi tertibinde bolýar. Şona görä-de, birleşmek tendensiýasy bilen birlikde şu birleşigiñ zorlukly formalaryny ýok etmek tendensiýasy, ezilen koloniýalary we garaşly milletleri imperialistik zulumdan azat etmek ugrundaky göreş hem ösýär. Bu tendensiýalaryñ ikinjisj birleşmegiñ imperialistik formalaryna garşy ezilen köpçüligañ gahar-gazabyny añladýandygyna görä, ol özüniñ «...hyzmatdaşlyk etmek we meýletin soýuz bolmak esasynda halklary birleşdirmegi» talap edýändigine görä, «ol tendensiýa progressiv tendensiýa bolupdy we bolup hem galýar, çünki ol geljekki düñýä sosialistik hojalygynyñ ruhy taýdan predposylkalaryny taýýarlaýar»[1]).

Milli gatnaşyklar barasynda kapitalizmiñ ösüşiniñ dünýä kanuny bolan şol iki tendensiýanyñ arasyndaky barlyşyksyz göreş köp milletli buržuaz döwletleriñ bütin taryhynda örän köpdür. Halklary hojalyk taýdan birleşdirmek prosesiniñ hem-de şu birleşdirişiñ imperialistik usullarynyñ arasyadaky barlyşyksyz garşylyk köp milletli (kolonial) buržuaz döwletleriñ içki birleşiginiñ hem-de organiki taýdan durnuksyzlygynyñ esasydyr. Biziñ partiýamyz milletleriñ öz ykbalyny kesgitlemek hukugynyñ bolmagyny, halklaryñ özbaşdak döwlet bolup ýaşamak hukugynyñ bolmagyny öz milli syýasatynyñ esasy edip goýmak bilen, şol ýagdaýlary nazara aldy.

Kommukistik partiýanyñ milletleriñ tä döwlet bolup bölünip aýrylmaklyga çenli öz ykbalyny kesgitlemek hukugyny talap etmegi biziñ partiýamyzyñ geniallygyny we uzakdan görüjiligini görkezýär, jemgyýetçilik ösüşiñ obýektiv kanunlaryny onuñ çuñdan bilýändigini, onuñ programmasynyñ we syýasatynyñ ylmylygyny hem derwaýyslygyny görkezýär.

---

[1] SSKP gurultaýlaryñ, konferensiýalaryñ we MK-nyñ plenumlarynyñ rezolýusiýalarynda we kararlarynda, 1 böl., 7-nji neşir, Döwlet syýasy neşirýaty, 1954 j., 710 sah.

Kapitalizmde sosial ezişi-de, milli ezişi-de ýok edip bolmaz. Munuñ üçin önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligi, ekspluatator synplary ýok etmek hem-de täze jemgyýetçilik gurulyşyñ–sosializmiñ üstün çykmagyny gazanmak zerurdyr diýip, Kommunistik partiýa elmydama öwredipdi. «Eger hususy eýeçilik bilen kapital adamlary gutulgysyz suratda biri-birindem aýryp, milli agzalalyga meçöw, berýän we milli ezişi güýçlekdirýän bolsa onda kollektiv eýeçilik we kollektiv zähmet adamlary edil şonça-da gutulgysyz ysnyşdyrýar, milli agzalalygyñ soñuna çykýar hem-de milli ezişi ýok edýär. Ezilen milletler azat edilmese, milli azatlyk bolmasa, sosializmiñ ýaşamagynyñ akyla sygmajakdygy ýaly, milli ezişsiz kapitalizmiñ ýaşamagy hem akyla sygmaz»[2]). Proletar rewolýusiýasy ugrunda we işçiler synpynyñ diktaturasyny berkarar etmek ugrundaky göreşiñ milli meseläni çözmegiñ easas şertdigi bu ýerden doly düşnüklidir, çünki diñe proletariat diktaturasy şertlerinde milli ezişi ýok etmek, deñligi berkarar etmek hem-de milli azlyklaryñ hukugyny üpjün etmek mümkindir.

Biziñ partijamyz Oktýabrdan ozalky döwürde milli meselä buržuaz-demokratik rezolýusiýanyñ wezipelerini çözmek bilen, ýagny proletariat bilen daýhanlaryñ rewolýusion-demokratik diktaturasyny berkarar etmek wezipeleri bilen pugta baglanyşlylykda garaýardy.

V. I. Leniniñ baştutanlygynda Kommunistik partiýa patyşa samoderžawiesini(häkimiýetini) ýykmak, feodal-krepostnoýçylyk(daýhançylyk) gurulyşyñ galyndylaryny ýok etmek we ýurduñ doly demokratizasnýalaşdyrylmagyny üpjün etmek ugrundaky göreş milli-kolonial meseläniñ kapitalnzmiñ ramkalarynda mümkin bolan iñ oñat çözülmesidir diýip hasap edýärdi.

Proletar rewolýusiýasyny gün tertibinde goýan birinji impernalistik uruş döwri milli meseläniñ goýulyşyny üýtgetdi. Belli boluşy ýaly, birinji jahan urşy halkara imperializminiñ kuwwatyny gaçyrdy, şunuñ netijesinde bolsa, öñde baryjy kapitalistik ýurtlaryñ işçiler synpynyñ hem-de kolonial, garaşly halklaryñ azatlyk göreşiniñ ýeke-täk frontyny guramaga amatly şertler döredi.

Biziñ partiýamyz şu konkret(anyk) taryhy şertlerde milli-kolonial meselä sosialistik rewoljusiýanyñ we biziñ ýurdumyzda proletariat diktaturasyny berkarar etmegiñ wezipeleri bilen organiki baglanyşykly suratda garapdy.

Patyşa samoderžawiesine hem-de ekspluatatar synplara garşy göreşde işçiler synpynyñ zähmetkeş daýhanlar bilen, şol sanda Russiýanyñ gul edilen halklarynyñ zähmetkeşler köpçüligi bilen rewolýusion soýuzy(birleşik) emele gelipdi we pugtalanypdy. Russiýada

[2] Bu-da şol ýerde 556 sah.

rewolýusion hereketiñ intenasionallaýyn bir bitewiligi ugrunda, ezilen halklary we milletleri azat etmek ugrunda Kommunistik partiýanyñ alyp baran gaýduwsyz göreşi proletariatyñ gegemoniýasyny göreşip gazanmagyñ, sosialistik rewolýusiýanyñ üstün çykmagynyñ hem-de biziñ ýurdumyzda 1917-nji ýylda işçiler synpynyñ diktaturasyny berkarar etmegin zerur we aýgytly şertlerinden biri boldy. Rewolýusion rus işçiler synpynyñ töweregine, Kommunistik partiýanyñ töweregine gaýym jebisleşmek bilen, diñe şunuñ saýasynda biziñ ýurdumyzyñ halklary agzybir bolup zor almak arkaly tsarizmi we kapitalizmi agdaryp bildiler hem-de Sowet häkimiýetini, zähmetkeşleriñ häkimiýetini berkarar etdiler.

Şeýlelik bilen, Sowet Soýuzynyñ Kommunistik partiýasynyñ milli programmasy partiýanyñ kararlarynda, V. I. Leniniñ we I. V. Staliniñ eserlerinde ylmy taýdan işlenip düzülmek bilen, öz maksatlary hem wezipeleri taýyndan bütinleý täze programma bolupdy. Ol programma ilki bilen buržuaz-demokratik rewolýusiýanyñ wezipelerini, soñra bolsa sosialistik rewolýusiýanyñ wezipelerini çözmek ugrundaky göreşde rus işçiler synpynyñ baştutanlygynda Russiýanyñ rewolýusion guýçleriniñ jebisleşmeginiñ we konsolidasiýa-laşmagynyñ esaslaryndan biri boldy.

Biziñ şöhratly Kommunistik partiýamyzyñ ýolbaşşylygy astynda işçilar synpy we garyp daýhanlar tarapyndan amala aşyrylan Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasy diñe bir biziñ Watanymyzyñ halklarynyñ ykballarynda däl, eýsem bütin adamzadyñ ykbalynda hem düýpli öwrülişigi—köne, kapitalistik dünýäden täze, sosialistk dünýä tarap öwrülşigi alamatlandyrdy. Ol rewolýusija dünýä imperializminiñ frortyny böwüsdi, halkara proletariatynyñ kapitala garşy göreşini añsatlaşdyrdy, proletar rewrlýusijalary zamanyny aşdy. V. I. Leniniñ görkezişi ýaly, kapitalizmiñ we onuñ galyndylarynyñ ýok edilmegi, kommunistik tertibiñ esaslarynyñ girizilmegi butindünýä taryhynyñ indi başlanan täze zamanynyñ mazmunyny hasyp edýär.

Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasy, haýsy milletdendiklerine garamazdan ähli zähmetkeşleri ekspluatasiýadan azat etdi, milli-kolonial ezişi ýok etdi, biziñ ýurdumyzyñ halklarynyñ mäkäm birleşmegi üçin esas döretdi. «Milli ezişi esasy dörediji bolan pomeştikleriñ we kapitalistleriñ häkimiýetini ýykyp, proletariaty häkimiýet başynda goýmak bilen, Oktýabr rewolýusijasy bir zarbada milli ezişiñ zynjyrlaryny gyrdy, halklaryñ arasyndaky köne gatnaşyklary agdardy, köne milli duşmançylygy ýumurdy, halklaryñ hyzmatdaşlyk etmegi üçin esas arassalady hem-de rus proletariatyna onuñ ýeke bir

Russiýadaky däl, eýsem Ýewropada-da, Aziýada-da başga milletlerden bolan doganlarynyñ ynamyny gazandy».[3])

Şeýlelik bilen, Oktýabr sosialistik rewolýusiýasy Kommunistik partiýanyñ milli programmasyny praktikada amala aşyrmagyñ düýbüni tutdy, biziñ Watanymyzyñ ähli halklaryna özleriniñ sosializm esasynda yktysady, syýasy we medeni taýdan erkin ösmekleri üçin zerur şertleri döretdi. Adamzat jemgyýetiniñ taryhynda ilkinji gezek täze, ýokary tipli döwlet döräp, ol döwlet beýik rus halkynyñ baş bolmagynda Russiýanyñ ähli azat edilen halklaryny hakyky deñ hukuklylyk we dostluk esasynda birleşdirdi.

Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasy önümçilik gurallaryna we serişdelerine hususy eýeçiligi ýok edip, sowet sosialistik döwletiniñ esaslaryny goýmak bilen, Russiýanyñ ezilen halklaryny azatlyga çykardy, milli deñsizligi doly suratda ýok etmek üçin şertler döretdi. Sosialistik rewolýusiýanyñ ýeñen taryhy gününde— 1917-nji ýyl1yñ 25-nji oktýabrynda (7-nji noýabrynda) Sowetleriñ Bütinrussiýa II gurultaýy Oktiýabryñ bütindünýä-taryhy göreşip gazananlaryny kanun bilen berkitdi hem-de V. I. Lenin tarapyndan ýazylyp, partiýanyñ MK-sy tarapyndan makullanan «Işçilere, soldatlara we daýhanlara!» diýen ýüzlenmäni kabul etdi. Şu dokumende merkezde hem-de ýerlerde bütin häkimiýet işçiler, soldatlar we daýhanlar deputatlarynyñ Sowetlerine geçýär diýilip, bütindünýä jar edildi. Şunuñ bilen bir hatarda ýüzlenmede Sowet häkimiýeti «Russiýada ýaşaýan ähli milletleriñ öz ykbalyny «kesgitlemäge hakyky hukugyny üpjün eder» diýilip görkezilýärdi.

Halklaryñ deñ hukuklylygynyñ we biri-birine hormat goýmagynyñ sowet prinsipi gurultaýyñ ilkinji dekretinde(jarnamasynda)—parahatçylyk hakyndaky dekretinde hem aýdyñ beýan edildi. Şol dekretde ähli uruşýan ýurtlara anneksiýasyz we kontribusiýasyz(garamat tölemezden), adalatly, demokratik ýaraşyk hakynda derrew gepleşiklere başlamaklyk teklip edilýärdi. Gurultaý Sowet hökümetiniñ daşary syýasatynyñ prinsiplerini hem-de Sowet Russiýasynyñ döwlet gurulyşynyñ esasy konstitusion prinsipleriniñ birini—milletleriñ tä bölünip aýrylmaklyga we özbaşdak döwletleri döretmeklige çenli öz ykbalyny kesgitlemek hukugynyñ bolmagy prinsipini jar etdi.

Sowetleriñ Bütinrussiýa II gurultaýy ýer hakynda hem dekret kabul etdi, bu dekret daýhanlary pomeştikleriñ häkimliginden hemişelik boşatdy. Şu dekretiñ amala aşyrylmagy netijesinde pomeştikler synp hökmünde ýok edildi. Proletar döwleti ozal pameştştikleriñ, buthatalaryñky, monastyrlarynky(klisa) bolan ýerleriñ 150 million desýatinden(ýer ölçegi) hem gowuragyny we kulaklaryñ(baýlaryñ) ýerleriniñ bir bölögini daýhanlara mugt berdi,

[3] SSKP gurultaýlaryñ konferoisiýalaryñ we MK-nyñ plenumlarynyñ rezolýusiýalarynda we kararlarynda, 1 böl., 7-nji neşir, Döwlet syýasy neşriýaty 1954 ý., 711—712 sah.

Şonuñ ýaly-da olara pameştiklarden alynan oba hojalyk inventarlarynyñ(traktor...) we abzallarynyñ bir bölegini, 300 million mamatdan-da agýan gymmaty bolan oba hojalyk inventarlaryny we abzallaryny mugt berdi. Mundan başga da, daýhanlar pomeştiklere her ýyl kärende(kireý) töleglerini bermekden hem-de satyn almak üçin edilýän, altyn pul bilen alanyñda jemi 700 million manatdan-da geçýän çykdaýylardan boşadylar. Olar pomeştiklerden satyn alynan ýer üçin «Daýhanlaryñ ýer bankyna» altyn pul bilen alanymda 1.300 million manat möçberinde bolan ägirt köp bergilerinden boşadyldylar.

Sowet häkimiýetiniñ şu taryhy kararlarynyñ hemmesi biziñ ýurdumyzyñ ähli milletleriniñ we halklarynyñ zähmetkeşler köpçüliginiñ düýp bähbitlerini añladýardy, işçiler synpynyñ zähmetkeş daýhanlar bilen söweşjeñ soýuzyny pugtalaýardy, Okiýjabr rewolýusiýasynyñ çalt ýaýramagyna hem-de Russiýanyñ bütiñ territoriýasynda(topraklarynda) Sowet häkimiýetiniñ berkarar edilmegine ýardam berýärdi. Sowet halklarnyñ doganlyk birleşigi üçin bolsa şolaryñ aýgytly ähmiýeti bolupdy.

Sowet häkimiýetiniñ milli mesele boýunça ilkinji taryhy işleri halklaryñ doganlyk ysnyşmagynda we erkin ösmeginde ägirt uly rol oýnady. Sowet hökümeti düzülenden 7 gün soñ 1917-nji ýylyñ 15-nji noýabrynda Halk Komissarlar Soweti V. I. Leniniñ we I. V. Staliniñ gollary çekilen «Russiýa halklarynyñ hukuklarynyñ deklarasiýasyny(jarnamasyny)» çykaryp, halk arasyna ýaýratdy. Bu Deklarasiýada Sowet häkimiýetiniñ milli syýasatynyñ esasy prinsipleri: Russiýa halklarynyñ deñligi we özygtyýarlylygy, Russiýa halklarynyñ tä bölünip aýrylmaklyga we öz başdak döwlet döretmeklige çenli öz ykbalyny erkin kesgitlemek hukugy, milli taýdan hem-de milli-dini taýdan bolan ähli we her hili artykmaç hukuklylygyñ hem çäklendirmekligiñ ýatyrylmagy, Russiýada ýaşaýan milletleriñ we etnografiki toparlaryñ erkin ösmegi jar edildi.

Ozalky ezilen halklaryñ ykballary hakynda partiýanyñ we hökümetiñ eden aladasyny häsiýetlendirýän beýleki bir iññän möhüm dokument, ol-da bolsa Halk Komissarlar Sowetiniñ V. I. Lenin bilen I. V. Stalin tarapyndan gol çekilen hem-de «Russiýanyñ we Gündogaryñ ähli musulman zähmetkeşlerine» diýen ýüzlenmesidir. Sowet hökümeti şu ýüzlenmede öz milli syýasatynyñ internasionalistik mazmunyny düşündirdi, Russiýanyñ we daşary ýurt Gündogarynyñ ähli musulman zähmetkeşlerini ezijilere garşy beýik azatlyk göreşine baş götermäge çagyrdy.

Sowet hökümeti halklaryñ meýletin we sap ýürekli soýuzyny döretmek syýasatyny öz praktiki işiniñ esasy edip goýup, ähli halklara milli taýdan ösmekde doly azatlyk berdi. Ol Ukraina, Belorussiýa, Azerbaýjan, Gruziýa, Ermenistan halklarynyñ özygtyýarlylyk

hukuklaryny, şeýle hem Finlandiýanyñ, Polşanyñ we beýleki ýurtlaryñ döwlet taýdan garaşsyzlygny resmi suratda ykrar etdi.

Kommunistik partiýanyñ milli syýasatynyñ yzygiderliligi Sowet hökümetiniñ Eýranyñ territoriýasyndan rus goşunlaryny çykarmak hakyndaky kararynda-da, patyşa Russiýasy tarapyndan «uruş hukugy boýunça» okkupirlenen «Türkiýe Ermenistaiynyñ» öz ykbalyny erkin kesgitlemegi hakyndaky dekretde-de, patyşa hökümetiniñ Hytaý bilen baglaşan deñ hukuksyzlykly şartnamalaryny ýatyrmak hakyndaky ret edidigi aýdyñ göründi.

Şeýlelik bilen, Sowet hökümeti özüniñ ýaşap başlamagynyñ ilkinji gününden Kommunistik partiýanyñ milli programmasyny yzydy we ony gyşarnyksyz suratda durmuşa geçirip ugrady. Hökümetiñ sostavynda I. V. Staliniñ baştutanlygynda aýratyn organ— Milletleriñ işleri baradaky Halk Komissariýaty döredildi. Köp milletli döwletiñ taryhynda ilkinji gezek ýörite organ, ýagny ozalky gul edilen halklaryñ ýañadan döremegine we ösmegine ýardam bermek özüniñ asasy wezipesi bolan organ, Sowet milli döwleti hem-de halklaryñ doganlyk ysnyşmagyny emele getirmegiñ organy döredildi.

Partiýa we hökümet biziñ köp milletli ýurdumyzyñ şertlerinde milli meseläniñ üstünlikli çözülmegine sosializmi gurmagyñ umumy meselesiniñ sostav bölegi hökmünde, SSSR-de sosialistik milletleriñ emele geliş we ösüş prosesiniñ sostav bölegi hökmünde garaýardylar. Diñe milli meseläni dogry çözmek arkaly, diñe halklaryñ dostlukly hyzmatdaşlyk etmek problemasyny çözmek arkaly, proletariýatyñ diktaturasyny pugtalandyrmagyñ, sosializmi we kommunizmi gurmak ugrundaky göreşde esasy gural bolan pugta Soýuz döwletini döretmegiñ mümkin bolandygy bütinleý düşnüklidir. Kommunistik partiýanyñ häkimiýet başyna geçen ilkinji gününden beýläk milli mesläniñ dogry çözülmegine gaýratyñ üns berendigi ine şol sebäplidir. Kommunistik partiýa halklaryñ döwlet gurulyşynda sowet milli respublikalarynyñ erkin we meýletin birleşmeginiñ federatiw prinsipini kabul etdi. Ýeke-täk federasiýada birleşdirilen awtonom oblastlarynyñ we respublikalaryñ döredilmegi köp milletli Sowet döwletini gurmakda biziñ partiýamyzyñ düýp plany boldy. 1918-nji ýylyñ ýanwarynda Sowetlariñ Bütinrussiýa III gurultaýynda Sowet döwlet gurulyşnyñ konstitusion esaslary goýuldy. Gurultaý V. I. Lenin tarapyndan ýazylan «Zähmetkeş we ekspluatirlenýän halkyñ hukuklarynyñ deklarasiýasyny» kabul etdi, şol Deklarasiýada bolsa «Sowet Russiýa respublikasy azat milletleriñ erkin soýuzy esasynda, Sowet milli respublikalarnyñ federasiýasy hökmünde döredilýär» diýilip aýdylýardy (Eserler, 26 tom, 385 sah.).

Halklaryñ deñ hukuklylygy we doganlyk hyzmatdaşlyk etmegi esasynda döredilen Russiýa Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasy(RSFSR) köp milletli Sowet döwletiniñ nusgasy boldy. Şu nusga boýunça beýleki sowet sosialistik respublikalary guraldy. RSFSR-iñ 1918-nji

ýylyñ 10-njy iýulynda Sowetleriñ Bütiñrussiýa V gurultaýy tarapyndan tassyklanan Konstitusiýasy Sowet häkimiýetiniñ esasy göreşip gazananlaryny kanun bilen berkitdi hem-de sowet halklarynyñ doganlygyny we deñ hukuklylygyny jar etdi. RSFSR-iñ Konstitusiýasy döwlet gurulyşynyñ prinsiplerini kesgitledi hem-de aýratyn durmuşy we milli sostavy bilen tapawutlanýan oblast Sowetleri awtonom oblastlar we respublikalar bolup birleşip hem-de federasiýa esaslarynda RSFSR-e girip bilerler diýip belledi.

Sowetleriñ Bütinrussiýa III gurultaýyndan soñ, aýratyn-da Sowetleriñ Bütinrussiýa V gurultaýy tarapyndan Konstitusiýanyñ kabul edilmeginden soñ ýurtda Oktiýabr rewolýusiýasynyñ netijesinde azat bolan halklary döwlet taýdan formalaşdyrmak barada ägirt köp işler ýaýbañlandyryldy, bu işler sowet milletlerini we halklaryny birleşmeklige tarap göni ýol bilen alyp barýardy. 1918-nji ýylyñ aprelinde Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasyny döretmek hakynda «Düzgünnama» kabul edildi, 1919-njy ýylyñ martynda Başgyrdystan Awtonom Respublikasy jar edildi, 1920-nji ýylda Tatarystan, Gyrgyzystan we Gazagystan Awtonoad Sowet Sosialistik respublikalary, Kareliýa Zähmet Kommunasy hem-de Mariý, we (Udmurdystan), Çuwaş Awtonom oblastlary döredildi. 1921-nji ýylyñ başynda Demirgazyk Kawkaz azat edilenden soñ, Daglylar/Dagystan Awtonom Sowet respublikalary emele geldi. 1922-nji ýylyñ aprelinde Ýakut Awtonom respublikasy döredildi. 1922-nji ýylyñ ahyrlarynda — 1923-nji ýylyn başlarynda RSFSR-iñ düzüminde awtonom sowet sosialistik respublikalarynyñ 10-sy we awtonom oblastlaryñ 11-si bardy.

Russiýa federasiýasynyñ çäklerinde sowet awtonom respublikalarynyñ we oblastlarynyñ döredilmegi bilen bir wagtda RSFSR bilen soýuzdaş ilkinji sowet sosialistik respublikalary hem döredilýärdi. 1917-nji ýylyñ dekabrynda Ukraina Sowet Sosialistik Respublikasy döredildi. 1918-nji ýylyñ ahyrynda we 1919-njy ýylyñ başynda nemes okkupantlaryndan azat edilen territoriýada Belorussiýa, Latwiýa, Litwa we Estoniýa Sowet Sosialistik Respublikalary jar edildi, 1920-nji ýylda Orta Aziýada, ozalky Hywa hanlygynyñ we Buharg emirliginiñ terrotoriýasynda Sowet häkimiýeti berkarar edilenden soñ iki sany halk sowet respublikasy: Hywa we Buhara Halk Sowet Respublikalary döredildi. Buržuaz milletçileriñ we daşary ýurt intertventleriniñ(elgatyjy) derbi-dagyn edilmegi netijesinde Zakawkazda Sowet häkimiýeti mäkäm ornaşdy. 1920—1921-nji ýyllarda Azarbaýjan, Ermenistan we Gruziýa Sowet Sosialistik Respublikalary döredildi. 1921-nji ýylyñ martynda Gruziýa, Ermenistan, Azerbaýjan SSR-leri Zakawkaz Sowet Sosialistik Federatiw Respublikalaryñ Soýuzyna birleigdiler, bu soýuz 1922-nji ýylyñ dekabrynda ZSFSR edilip üýtgedildi.

Şeýlelik bilen, graždanlyk urşunyñ ody içinde, Sowet häkimiýetiniñ içerki we daşarky duşmanlaryna garşy gazaply göreşde garaşsyz sowet sosialistik respublikalarynyñ doganlyk bir bitewiligi emele geldi hem-de pugtalandy. Sowet döwlet gurulyşynyñ döredilmegi hemme ýerde zähmetkeşleriñ arasynda Kommunistik partiýamyza, özleriniñ azat bolmagy ugrundaky göreşinde aýgytly rol oýnan doganlyk rus halkyna çuñ minnetdarlyk we hoşallyk dugusyny döretdi. Sowet respublikalary özleriniñ ýaşap başlamagynyñ ilkinjj günlerinden beýläk Russiýa Sowet Sosialistik Respublikasy bilen federatiw aragatnaşygy ýola goýupdylar.

SSSR-i döretmek ugrundaky, halklaryñ doganlyk birleşigi ugrundaky, meýletinlik we internasionalizm esasynda köp milletli mäkäm Sowet döwletini döretmek ugrundaky bütin göreşe Kommunistik partiýa baştutanlyk etdi. Partiýa biziñ ýurdumyzyñ halklaryny jebisleşdirýärdi, terbiýeleýärdi, SSSR-i döretmek ugrundaky ählihalk hereketine ýolbaşçylyk edýärdi. Partiýa milletçi-gyşarjylary we bulary goldan troskiçileri, buharinçileri hem-de halklaryñ beýleki duşmanlaryny üzül-kesil paş edýärdi hem ýok edýärdi. Hut partiýanyñ gaýduwsyz işi we ýolbaşçylygy köp milletli Sowet döwletini progressiv hem-de azatlyk söýüji bütin adamzadyñ kuwwatly arkadaýanjyny döretmekligi we pugtalandyrmaklygy üpjün etdi.

SSSR-iñ döredilmegi (1922-nji jylyñ 30-njy dekabry) Kommunistik partiýanyñ milli syýasatynyñ täzeden dabaralanmagyny añlatmak bilen, Sowet döwletiniñ ozalkysyndan hem berkleşmegine hyzmat etdi. Harby, diplomatik, maliýe-yktysady işiñ merkezleşdirilmegi, maddy hem zähmet ressurslarynyñ birleşdirilmegi, Soýuz döwletiniñ elinde planly hojalygyñ guralmagy hojalyk taýdan berbatçylyga garşy bileleşip üstünlikli göreşmek üçin, biziñ ýurdumyzda sosializm gurmak üçin zerur ştertleri döretdi. Döwleti dolandyrmaklyga ähli milletleriñ zähmetkeşleriniñ çekilmegi sowet respublikalarynyñ hemmesiniñ we tutuş Soýuzyñ kuwwatyny pugtalandyrýardy, olaryñ halklaryny ysnyşdyrýardy, öñde baryjy rus halky hem-de Soýuzyñ beýleki halklary tarapyndan ozalky has yza galan halklara kömek bermek üçin, olaryñ arasyndaky hojalyk we medeni taýdan bolan deñsizligi ýok etmek üçin gowy mümkinçilikleri berýärdi. Bu zatlaryñ hemmesi bolsa işçiler synpynyñ ähli milletleriñ zähmetkeşler köpçüligi bilen soýuzyny pugtalaýardy, ýutda protetariat diktaturasyny berkidýärdi hem-de geçmişde yza galan halklaryñ hemmesiniñ sosializme tarap ýol bilen ondan beýläk-de ösmeginiñ üstünligini şertlendirýärdi.

SSR Soýuzynyñ döredilmegi sosialistik milletleriñ maddy we ruhy güýçleriniñ pajarlap ösmegi üçin, ähli milli resdublikalaryñ hem oblastlaryñ halk hojalygynyñ we medeniýetiniñ ösmegi üçin giñ perspektivalary aşdy. SSSR-iñ sosialistik milletleriniñ ösmegi köp milletli Sowet soýuz döwletiniñ döredilmeginiñ pretposilkasy boldy, SSSR-iñ döredilmegi bolsa öz

nobatynda, täze, sosialistik milletleriñ emele geliş prosesini tizleşdirdi. Täze milli soýuz respublikalary döredilip, bular SSSR-de ilkinji dört soýuz respublikalar bilen deñ orny eýelediler. 1925-nji ýylda SSSR-iñ sostavyna soýuz respublikasy hukugynda Türkmenistan we Özbegistan SSR-leri, 1929-njy ýylda — Täjigistan SSR-i, 1936-njy ýylda — Gazagystan, Gyrgyzystan, Gruziýa, Azerbaýjan we Ermenistan SSR-leri kabul edildi. 1940-njy ýylda SSSR-iñ sostavyna Karel-Fin, Moldawiýa SSR-leri girdiler. Şol ýylyñ özünde SSSR halklarynyñ maşgalasyna Litva, Latviýa we Estoniýa SSR-leri kabul edildi.

Şeýlelikde, Sowet Sosialistik respublikalarynyñ ýeke-täk Soýuzyna 15 sany soýuz respublika birleşdi.

Soýuz sowet sosialistik respublikalarynyñ döredilmegi hem-de olaryñ SSSR-iñ sostavyna girmegi köp milletli sowet döwlet gurulyşynyñ we halklaryñ meýletin birleşmeginiñ artykmaçlyklarynyñ täze subutnamasy boldy.

Sowet döwleti Kommunistik partiýanyñ ýolbaşçylygy astynda, halk köpçülişniñ gatnaşmagynda taryhy taýdan gysga möhlet içinde, birinji klasly industriýany döretdi. Döwlet kulaklara garaşly bolmakdan halas blolmaga daýhanlara kömek etdi, oba hojalygyny sosialistik taýdan ýañadan üýtgetmegi amala aşyryp, obada täze kolhoz gurulyşyny döretdi. Ýurdy industrializasiýalaşdyrmak we oba hojalygyny kollektivizasiýalaşdyrmak syýasatynyñ amala aşyrylmagy netijesinde biziñ Watanymyz yza galanlykdan progrese tarap ägirt uly böküş etdi, kuwwatly industrial-kolhoz döwletine öwrüldi.

Sowet döwletiniñ kuwwatlylygynyñ we ýeñilmezekliginiñ çeşmei onuñ halk tarapyndan döredilendigidir hem-de halka hyzmat edýändigidir. Sowet döwleti zähmetkeşler köpçüliginiñ döredijilikli aktiwligine daýanyp, özüniñ sosialistik jemgyýet gurmakdaky bütindünýä taryhy wezipesini üstünlik bilen ýerine ýetirdi.

Sosializmiñ ýeñmegi netijesinde biziñ ýurdumyzyñ halklary Kommunistik partiýanyñ ýolbaşçylygy astynda özleriniñ hojalyk, syýasy we medeni taýdan ozalky yza galaklygyny ýok etdi. Milli meseläñyñ gutarnykly çözülmegi, ahyrky hasapda, hususy eýeçiligiñ ýok edilmegi bilen, halklaryñ arasynda birek-birege ynanmaz1ygy hem-de duşmançylygy esasy guraýjylar we ruhlandyryjylar bolan ekspluatator synplaryñ ýok edilmegi bilen baglanyşyklydyr diýen marksistik-leninçilik düzgüniniñ hakdygyny sosializmin üstün çykmagy bütinleý tassyklady.

Beýik rus halkynyñ birsyhly doganlyk kömegi saýasynda uruşdan ozalky bäşýyllyklaryñ dowamynda milli respublikalaryñ we oblastlaryñ hemmesinde ylmyñ hem tehnikanyñ iñ soñky gazananlary bilen ýaraglandyrylan iri sosialistik senagat döredildi. Azerbaýjanda, Gruziýada, Ermenistanda, Gazagystanda, Özbegistanda, Türkmenistanda, Tatarystanda,

Başgyrdystanda hem-de SSSR-iñ beýleki milli raýonlarynda birgiden senagat raýonlary ösüp ýetişdi.

Kommunistik partiýanyñ we Sowet hökümetiniñ milli syýasatynyñ iñ möhüm netijelerinden biri-de sosialistik gurulyşygyñ ähli ýyllarynda milli respublikalardaky senagat önüminiñ ösüş depgininiñ tutuş Sowet Soýuzy boýunça ösüşiñ ortaça derejesinden ep-esli ozanlygydyr. Eger SSSR-de senagat önüminiñ möçberi 1913-nji ýyldakysy bilen deñeşdirilende 1940-njy ýylda 12 esse artan bolsa, Gazagystanda ol 20 esse, Belorussiýada—23 esse, Ermenistanda—22,3 esse, Gruziýada—27 esse, Gyrgyzystanda—153 esse, Täjigistanda—308 esse ösdi. Uruşdan soñky ýyllarda-da milli respublikalarda senagat çalt ösýär. Meselem, urşuñ agyr netijelerine garamazdan, Litva SSR-nde 1954-nji ýylda goýberilen senagat önümi 1940-njy ýyldaky derejesinden 4,2 esse, Belorussiýa SSR-nde—4,6 esse, Latviýa SSR-nde—5 esse, Estoniýa SSR-nde—6 esse artdy. Tuluş Sowet Soýuzy boýunça senagat önüminiñ möçberi şol wagtyñ dowamynda 2,8 esse köpeldi.

Milli respublikalaryñ oba hojalygy-da ägirt uly üstünlikler gazandy. Kolhoz gurulyşygynyñ üstün çykmagy netijesinde oba hojalygy jemgyýetçilik—önümçilik gatnaşyklary manysynda—kapitalizmden ozalky gatnaşyklardan sosialistik gatnaşyklara tarap, tehniki manyda bolsa—ýönekeýje gurallardan häzirki zaman oba hojalyk maşynlaryna, traktorlaryna, kombaýnlaryna tarap ägirt uly böküş etdi. Diñe bir Ukrainanyñ meýdanlarynda 182 müñ traktoryñ (15 at güýçli hasaby bilen) işleýändigini aýtmak ýeterlikdir. Özbegistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Täjigistan we beýleki Sowet respublikalarynda traktorlaryñ, kombaýnlaryñ, ekiş, bejergi, pagta ýygýan maşynlaryñ hem-de başga oba hojalyk maşynlarynyñ, gurallarynyñ onlarça we ýüzlerçe müñüsi işleýär.

Sosialistik yktysadyýetiñ çalt ösmegi esasynda biziñ ýurdumyzda uruşdan ozalky bäşýyllyklaryñ ýyllary içinde hakyky medeni rewolýusiýa amala aşyryldy. Sowet Soýuzynda umumy bilim mekdepleriniñ medeni-añ-bilim edaralarynyñ we ylmy edaralaryñ gür seti emele geldi. 1933-nji ýyldan 1939-njy ýyla çenli bolan döwürde ýurdumyzda 2060 sany täze mekdep salyndy. 1939-njy ýylda SSSR-de umumy bilim mekdepleri 172759 sany bolup, olarda 33928,8 müñ adam okaýardy.

SSSR-de mekdep gurulyşygynyn, ägirt köp ösmegi netijesinde milli respublikalar boýunça okuwçylaryñ müñ adama düşýän sany deñ diýen ýaly boldy: RSFSR boýunça 178 adam, Ukraina SSR-i boýunça 176 adam, Belorussiýa SSR-i boýunça 192 adam, Azerbaýjan SSR-i boýunça 195 adam, Gruziýa SSR-i boýunça 195 adam, Türkmenistan SSR-i boýunça 167 adam, Özbegistan SSR-i boýunça 176 adam, Täjigistan SSR-i boýunça 170 adam, Gazagystan SSR-i boýunça 179 adam boldy.

Sowet Soýuzynda milli respublikalaryñ her biriniñ ýokary okuw jaýlary bar, emma tsarizm mahalynda bolsa häzirki Belorussiýanyñ, Ermenistanyñ, Azerbaýjanyñ, Özbegistanyñ, Türkmenistanyñ, Täjigistanyñ, Gyrgyzystanyñ, Gazagystanyñ territoriýasynda ýokary okuw jaýlarynyñ ýekejesi-de ýokdy. Häzir ähli soýuz respublikalarda diýen ýaly ylymlar akademiýasy döredildi.

Indi milli respublikalaryñ hemmesiniñ öz halkynyñ içinden dörän köp sanly intelligensiýasy bar.

Sowet Soýuzynyñ halklary özlerini pozulmaz doganlyk ruhunda, internasionalizm ruhunda terbiýeläp ýetişdiren Kommunistik partiýamyza özleriniñ gazanan üstünlikleri üçin minnetdardyrlar.

Sowet Soýuzynyñ beýik Lenin tarapyndan döredilen gahrymançylykly Kommunistik partiýasy SSSR-iñ ähli sosialistik milletleriniñ derwaýys bähbitlerini hakyky beýan edijidir. Kommunistik partiýa ähli halklaryñ zähmetkeşler köpçüligini watançylygyñ beýik edermenligine—ekspluatatorçylyk gurulyşy ýykmaklyga, sosializm gurmak ugrundaky, SSSR-i kuwwatly sosialistik döwlete öwürmek ugrundaky göreşe aýaga galdyrdy. Kommunistik partiýa halk köpçüliginiñ aktiv goldawy netijesinde halkyñ betpäl duşmanlaryny-trotskiçileri, buharinçileri, milletçi-gyşaryjylary çym-pytrak etdi, sowet halklarynyñ beýik dostlugynyñ baýdagyny gorap saklady.

Sowet Soýuzynyñ Kommunistik partiýa tarapyndan sosialistik internasionalizm ruhunda terbiýelenen ähli halklary özlariniñ uly dogany bolan rus halkynyñ töweregine gaýym jebisleşdiler. Dury aklly, tutanýerli häsiýetli we sabyrly, rewolýusion gerimli kuwwatly rus halky Sowet Soýuzynyñ ýolbaşçy güýji hökmünde ähliumumy hormata hem kanuny sylaga mynasyp boldy.

Sowet halklarynyñ sosializmiñ köp sanly duşmanlaryna garşy göreşde emele gelen beýik dostlugy Kommunistik partiýanyñ we Sowet hökümetiniñ milli syýasatynyñ taryhy netijesidir. Ol dostluk köp milletli Sowet döwletiniñ güýjüniñ kuwwatly çeşmesidir. Sowet halklarynyñ pozulmaz dostlugy Sowet Soýuzynyñ gitlerçi(hitler) basybalyjylara we imperialistik Ýaponiýa garşy Beýik Watançylyk urşunyñ gazaply synaglaryna abraý bilen hötde geldi. Sowet döwlet gurulyşy döwlet taýdan guralyşyñ şeýle bir sistemasy bolup, bu ýerde milli meseläniñ we milletleriñ hyzmatdaşlyk etmek problemasynyñ beýleki köp milletli döwletleriñ her birindäkiden has gowy çözülendigini şol uruş görkezdi. Urşuñ sapaklary halkyñ içinden dörän we halkyñ kuwwatly goldawyndan peýdalanýan sowet gurulyşynyñ dünýäde iñ mäkäm hem-de derwaýys gurulyşdygyny örän äşgär edip görkezdiler.

Kommunistik partiýanyñ syýasaty jemgyýetiñ obyektiv yktysady kanunlaryny, maddy taýdan ösüş isleglerini añlatmak bilen, sowet jemgyýetiniñ ýaşaýyş esasy bolup durýar. Partiýa sowet adamlaryna işçiler synpynyñ kolhoz daýhanlary bilen soýuzyny pugtalandyrmagy, kommunizm gurmagyñ esasy guraly bolan köp milletli Sowet döwletini ýadawsyz berkitmekligi, Sowet Watanymyzyñ kuwwatlylygynyñ we mäkämliginiñ daýanjy bolan sosialistik senagaty hemme çärelar arkaly ösdürmegi, kolhoz gurulyşyny pugtalandyrmagy, oba hojalyk önümçiliginiñ mundan buýana-da ýokary göterilmegini hem-de gülläp ösmegini gazanmaklygy öwredýär.

Biziñ ýurdumyzyñ sosialistik watanyñ eşreti üçin bilelikde çekilýän zähmetde doganlyk dostluga birleşen ähli halklary kommunistik gurulyşygyñ partiýa we hökümet tarapyndan işlenip düzülen programmasyny amala aşyrmakda aktiv gatnaşýarlar.

Partiýanyñ XIX gurultajynyñ, SSKP MK-nyñ sentýabr (1953 ý.) fewral-mart (1954 ý.) ýanwar we iýul (1955 ý.) Plenumlarynyñ taryhy kararlargny hem-de partiýanyñ we hökümetiñ beýleki kararlaryny durmuşa geçirmek bilen, Sowet Soýuzynyñ işçileri, kolhozçylary we zähmetkeş intelligensiýasy sosialistik yktysadyýeti hem-de medeniýeti ösdürmekde täze üstünlikleri gazanýarlar.

Sosialistik gurulyşyñ kapitalistik gurulyşdan ägirt köp artykmaçlyklary SSSR-de milli meseläniñ ajaýyp çözülendigine äşgär şaýatlyk edýär, munuñ özi daşary ýurtlaryñ halklary üçin ruhlandyryjy göreldedir. Ýewropanyñ we Aziýanyñ sosalistik gurulyşyñ ýoluna gadam basan halk demokratiýasy ýurtlarynyñ zähmetkeşleri Sowet Soýuzynyñ taryhy tejribesinden öwrenýärlar.

Hytaý halkynyñ serdary Mao Sze-dun şol tejribäniñ ägirt uly ähmiýeti hakynda aýtmak bilen, şeýle ýazypdy: «Biz milli taýdan beýik gurulyşygy amala aşyrmakçydyrys. Biziñ etmeli işimiz kyndyr, biziñ tejribämiz-de ýeterlikli däldir. Şoña görä-de biz Sowet Soýuzynyñ öñde baryjy tejribesini erjellik bilen öwrenmelidiris. Biz diñe bir Marksyñ, Engelsiñ, Leniniñ we Staliniñ teoriýasyny öwrenmek bilen durman, eýsem Sowet Soýuzynyñ öñde baryjy ylmyny-da, tehnikasyny-da öwrenmelidiris. Biz öz ýurdumyzy gurmak üçin, Sowet Soýuzyndan öwrenmek işini umumymilli möçberlere çenli ýetirmelidiris»

***************

## Şaja Batyryñ terjime haly

Şaja Batyrowyñ ady Türkmenistanyñ ýakyn taryhynda mertligiñ, edermenligiñ, Türkmen kadrlaryñ işlere çekilmek meselesi bilen uýtgaşdy. Onuñ wezipede bolan wagtynda Aşgabatda uly tebigi betbagtçylyk, 1948-nji ýylyñ 5-nji oktiýabrdäki ýer yranmasy boldy. Telefon gatnaşyklar kesilen. Gije ýary Şaja Batyr velsepide münüp, Aşgabat airoportyna baryp ol ýerden, bolan wakany Moskva habar berip, kömek sorapdyr. Ol şeýle-de ermileriñ we beýleki gelmişekleriñ ýerine Türkmenlerden işçi kadr alynmagy ugrunda köp alada edipdir. Ş.Batyrow Aşgabatdaky uly söwda merkezi- rusça «univermagyñ» açylyşyna baranda: «bu univermag däl-de ermeni bag» diýen eken. Jemgyýetçilik we döwlet işgäri, taryh ylymlaryñ doktory Şaja Batyrowyñ terjime haly barada Türkmen Sovet Ensiklopediýasynda şeýle maglumat berilýär:

> «Jemgyýetçilik we döwlet işgärdi, alym, guramaçy. TSSR ylymlar akademiýasynyñ prezidenti (1959-1965), SSSR ýokary sovetiniñ (2-3 çagyrylyşlar) we TSSR ýokary sovetiniñ (1,2,3,5,6 çagyrylyşlar) deputaty. 1930-njy ýyldan SSKP-niñ agzasy. Ol 1908-nji ýylyñ 3-nji oktiýabrynda Türkmenistanyñ Bäherden raýonynyñ Deşet obasynda garyp daýhan maşgalasynda dogulýar. 1927–1929-njy ýyllarda Aşgabatdaky mugallymçylyk kursunda okaýar. 1929–30-njy ýyllarda Bäherden raýonynyñ Börme obasynda «batraçkomyñ» (batrakçylar komitetiniñ) başlygy we komsomol guramasynyñ sekretary bolup işleýär. 1930–32-nji ýyllarda Bäherdende mugallymçylyk edýär. 1932–34-nji ýyllarda Aşgabat pedagoky inistitutynda okaýar. 1934–36-njy ýyllarda şol inistitutyñ taryh fakoltetinde aspiranturada okaýar, 1936-njy ýylyñ ýanwarynda heniz aspiranturany gutarmanka, TK(b)Partiýasynyñ MK-niñ burosynyñ karary boýunça «Sovet Türkmenistany» gazetine işe geçirilýär. 1937–38-nji ýyllarda Moskvada redaktorlar we terjimeçileri taýýarlaýan kursda okaýar. Ol 1938–41-nji ýyllarda «Sovet Türkmenistany» gazetiniñ jogapkär sekretary, redaktoryñ orunbasary, Türkmen dil we edebiýat ylmy-barlag inistitutynyñ direktory, TSSR Halk Komissarlar şurasynyñ ýanyndaky sungat işleri baradaky edaranyñ ýolbaşçysy bolup işleýär.
>
> 1952–54-nji ýyllarda Moskvada jemgyýetçilik ylymlar akademiýasynyñ aspiranturasynda okap, 54-nji ýylda taryh ylymlaryñ kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar. 1954–59-njy ýyllarda Lenin adyndaky Türkmen Döwlet

Pedagokik inistitutynyñ direktory we onuñ Markesizm-Lenenizm kafederasynyñ müdüri bolup işleýär. 1959-njy ýylda Türkmenistan ylymlar akademiýasynyñ akademigine we prezidentligine saýlanýar. 1962-njy ýylda taryh ylymlarynyñ doktory diýen alymlyk derejesini alýar. Şaja Batyrow ululy-kiçili bir topar işleriñ şol sanda «SSSR-de sosýalisitik milletleriñ emele gelmegi we ösmegi» diýen uly düýpli işiñ avtorydyr. Ol Lenin ordeniniñ 2-si, «Watançylyk urşy» ordeniniñ 1-nji derejesi we «zähmet gyzyl baýdak» ordeni we birnäçe medal bilen syýlaglandy. 1965-nji ýylyñ 14-nji oktiýabrynda tribunada çykyş edip durka ýogalýar»

«Turkmenii»[4] atly almenahda Şaja Batyrowyñ öz döwründe ýazyjylara hemaýat berendigi, “gadan” edilen klassik eserlerimiziñ çap edilmegine syýnanşandygy we ýene birnäçe gyzykly maglumat ýerleşdirilipdir:

«Tebigat oña lidere mynasyp sypatlar eçilipdir. Boýy iki metere ýakyn bu adamyñ, burma saşlary, mäherli ýüzi, gussaly hem balkyldap duran gözleri hem ýakymly ýogyýn sesi bardy. Onuñ Türkmenistanyñ ýolbaşyçylygynda bolan ýyllary- 1943–51-njy ýyllar iñ agyr, urş, uruşdan soñ dikeldiş hem Aşgabat ýer titremesi, onuñ getiren zyýanlaryny ýok etmek döwürlerine gabat geldi.

Şaja Batyrow Kom partiýanyñ 1-nji sekretar wagty dünýäde iñ uly, Garagum kanaly düýpli proýektirlenip başlandy. 1951–53-nji ýyllarda Türkmenistanyñ Orsýete birleşmegi dogrusynda ylmy diskutsiýalar geçirildi. Türkmenistanyñ basylyp alynandygy inkär edilmese-de netijede bu işiñ peýdaly bolup çykandygyna äheñ berilýärdi.

Şaja Batyrowyñ kariýerasynda Türkmen intellegentsiýasynyñ repressiýa duçar edilen wekillerine tarapdarlygy dramatik rol oýnady. Ol 1-nji skretaryñ wezipesinden hiç hili dawasyz, goh-galmagalsyz, paş edilmesiz boşadylýar. Moskwa okuwa iberilýänligi sebäp görkezilýär. Emma munuñ esasy sebäbi ideologiýadaky hasaplaryñ dogry çykmanlygydy.

Milletçi edebiýatçylar atlandyrylýanlary Şaja Batyrow ganatynyñ astyna açyk alýardy. İçeri işler Halk Komissarlygynyñ soraglaryndan belli bolşuna görä şol milletçiler partiýanyñ syýasatyndan Sovet häkimiýetinden nägilediklerini ýaşyrmandyrlar. Talantly hem akylly adamlary goramaga çalyşyp, Ş.Batyrow köp

---

[4] «Turkmeni»: Nauçno-publisistiçeskii almanah. Moskva «Turkmen azat 1995

adamlary şol sanda Şabendäniñ «Hojamberdi han», Abdylsettar Kazynyñ «Jeñnama» dessanlaryny çap eden Baýmuhammet Garryýewi, 1941–51-nji ýyllarda Merkezi Komitetiñ agitatsiýa we propaganda müdüri bolup işlän Orazmet Abdalewi, terjimeçi Bagşy Jürmenegi ýyzarlamalardan aman saklapdy.

1951-nji ýylyñ başynda alym Mäti Köseýewiñ çapa taýýarlan «Gorkut ata» kitabyny jemgyýetçilik bolup ýazgarma kompaniýasy dowam edýän wagty, Şaja Batyrow ony ýaýratmak barada görkezme bermekden gorkmady. Diñe 1-nji sekretaryñ wezipesinden boşadylmagy kitabyñ çap edilmeginiñ öñüni aldy[5]. Batyrow giden soñ 1951-njy ýylyñ fewralynda Kom partiýanyñ MK-niñ burosynda taryh we edebiýat inistutyñ direktory Baýmuhammet Garryýew wezipesinden boşadyldy. Partiýanyñ Merkezi komitetiniñ täze sekretary Suhan Babaýewiñ, Şaja Batyrowyñ adyny garalamak üçin köp aladalar edendigini, Batyrowyñ özi boýun alypdyr.[6]

1952-nji ýylyñ awgustynda Moskvanyñ görkezmesi bilen milletçi edebiýatçylary tussag etmek başlandy. Bu beladan ony jemgyýetçilik ylymlar akademiýasynda okaýanlygy halas etdi. Bary bir Bagşy Jürmenegiñ öz garşysyna içeri işler halk komissarlygyna beren görkezmeleri üçin Nikita Huroşçowyñ adyna düşündiriş ýazmaly bolupdy. Beýlekilere görelde bolar ýaly mertbesini saklap mekirlik hem ýakynlaryny garalaman, Şaja Batyrow «toba» edipdir.»

Türkmenistan Ylymlar Akademiýasynyñ prezidenti, görnükli Türkmen alymy, Şaja Batyrow 1965-nji ýylyñ 14-nji oktiýabrynda şol wagt metbugatda bildirilişi ýaly «söweş postynda» tarpa taýyn aradan çykdy. Ol Türkmenistan Kom Partiýasynyñ Merkezi Komitetiniñ 11-nji plenumynda respublikada ylmy ösdürmegiñ prespektivalary barada çykyş edip durka, sözüni soñlap bilmän, ýüregi durup 57 ýaşyñ içinde wepat boldy.

1950-nji ýylyñ başlarynda geçirilen arassalaýyşlar wagtynda Batyrow namenkluturanyñ/ häkimiýete ýokary gatlaklaryñ merhemetini ýogaldyp, 2-nji derejeli wezipelere geçirilýär. Diñe 1959-njy ýylda Suhan Babaýew Türkmenistan Kom Partiýasynyñ 1-nji sekretary wezipesinden boşadylandan soñ Ş.Batyrow ýene-de respublikanyñ syýasy sahnasynda peýda bolýar we Babaýewiñ «guýrugy» diýlip iş başyndan aýrylan filosofiýa ylymlaryñ professory Geldi Çaryýewiñ ýerine Türkmenistanyñ ylymlar akademiýasynyñ prezidenligne saýlanýar

---

[5] Bu eser ondan 20 yıl ozal eyyam Bakuda birnäçe gezek çap edilipdi.
[6] Balyş Öwezowiñ döwründe Ş.Batırow gaytadan işe çagırılıp, ol Ylımlar Akademiýasyna yolbaşçı edilip bellenyär.

we tä ömrüniñ ahyryna çenli şo wezipede işleýär. Ýeri gelende aýytsak Türkmenistanyñ Ylymlar Akademiýasynyñ Taryh inistitutyna Şaja Batyrowyñ ady dakyldy.